# Eýran hakykaty we ajy hakykatyñ gözden salynmagy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýran hakykaty we ajy hakykatyñ gözden salynmagy EÝRAN HAKYKATY WE AJY HAKYKATYÑ GÖZDEN SALYNMAGY




*Eýran Respublikasy gurluşynyñ esasy komponentleridigine garamazdan, araplara-da, kürtlere-de ýer berlenok*
*Nýu-Ýorkda eýran režimine garşy gurnalan çykyşlardan bir pursat / Fotosurat: EPA*
Eýranyñ prezidenti BMG-nyñ Baş assambleýasynyñ münberinde şizofrenlik derejesinde hakykata gabat gelmeýän görnüşde Eýranyñ ýagdaýy hakda aýdyp, Rewolýusion Gwardiýanyñ (RG) Kuddus Güýji bölüminiñ serkerdesi general Kasym Süleýmanynyñ fotosuratyny görkezýärkä, eýran režiminiñ diýdimzorlugyndan ýadan halk köçeleriñ ugrunda Kasym Süleýmanynyñ, hatda aýry-aýry ýerlerde şol bir wagtyñ özünde Hamaneýiñ fotosuratlaryny ýakýardy.
Eýran soñky wagtlarda Mahsa Amini atly ýaş gyzyñ «ahlak polisiýasy» tarapyndan saklanýan wagtynda ölmegine ugurdaş ýüze çykan protestlerde howpsuzlyk güýçleriniñ atan okundan 31 raýat wepat boldy.
Eýranyñ prezidenti Ibrahim Reisi BMG-nyñ Baş assambleýasynda Eýrandaky «azatlyklar» hakda agzyny dolduryp gürläp durka, «Besic»-iñ, RG-nyñ harbylary eýran şäherleriniñ köçelerinde raýatlaryñ kellesini togalaýardy.

Eýran köçelerindäki bu gazaply ýagdaý Mahsa Amini atly ýaş gyzyň öldürilmeginiň däl-de, eýran režiminiň çözüp oňarman üýşüp giden içerki we daşarky konfliktleriniň netijesidir.
Režim köçeleriň ugrunda şeýle bir köp dar agajyny dikdi welin, Halkara Günä geçişlik guramasynyň (Amnesty) maglumatnamalary Eýranyň ýöredilýän syýasata garşy çykýanlara berýän ölüm jezasyny ýerine ýetirmekde dünýä boýunça birinji orna düşdi.
Dar agajy eýran režiminiň sistematiki ýagdaýda basyş syýasaty hökmünde hemişe ulanyp gelindi.
Režim başga konfliktleri döredip ýa-da olary daşary eksport edip, birinji konfliktiň çözüljegini çaklap, «çüý çüýi aýrar» mantygy bilen bu syýasaty dowam etdirdi.
Munuň özi Eýrany Ýemende, Yrakda, Liwanda bolşy ýaly otlaryny ýakyp söndürip bilmedik çaknyşyklaryna goşulýandygy sebäpli daş-töwereginde, hatda dünýäde çetleşdirilen döwlet ýagdaýyna getirdi.
Režimiň gaýtalanyp duran diýdimzor çemeleşmelerine içerden şaýatlyk eden ýoldaş Faize Rafsanjani eýran režiminiň «Ysraýylyň öldüreninden has köp musulmanyň has köp musulmanyň ganyna galandygyny» aýdypdy. Ol režimiň içinden çüýrändigini nygtapdy. Häzir bu režim sepillikden, açlykdan, keselçilikden ýaňa çekdirýän kösençliklerine we diýdimzor syýasaty bilen sebäp bolan heläkçiliklerine çydamaýan halky bilen garşyma-garşy ýagdaýda.
Homeýniniň gelişinden we onuň sözde rewolýusiýasyndan bäri eýran režimi içerki konfliktlerjni sebite ýaýratmaga çytraşdy.
Içerde we daşarda konflikt ýagdaýyndaky bu režim möwjetme we çaknyşma syýasatyny özüne adat edindi.
Hileli saýlawlar arkaly Welaýaty-Fakih «demokratiýasyny» perdelenýär.
Emma bu demokratiýa we syýasy tapawutlylyga ynanmaýan mezhepçi we diýdimzor režimiň propoganda ekranyndan başga zat däl.
Ýaş kürt gyzynyň eýranly diýdimzor ofiserleriň elinde ölmegi režimiň kürt azlyklaryň, hatda araplaryň hak-hukuklaryna hiç hili hormat goýmaýandygyna güwä geçýär.
Sud edilmän ölüm jezasy berlenleriň aglabasy arap ahwazlylaryň, kürtleriň we Eýrandaky «welaýaty-fakih»

režimimiñ oppozisionerleriniñ arasyndan çykýar.
Eýran režiminiñ gullukçylarynyñ ýurduñ yslamy ýörelgeler bilen dolandyrylýandygyny öñe sürýändiklerine garamazdan, parslar bilen pars dälleriñ arasyndaky millet diskriminasiýasy, ownuk wezipelerden başlap tä prezidente çenli, Kanun çykaryjy sowetiñ (Совет целесообразности / Düzenin Maslahatını Teşhis Konseyi) agzalaryndan tä Dini lideriñ geñeşçilerine çenli hemme ýerde açyk göze ilýär.
Eýran Respublikasy gurluşynyñ esasy komponentleridigine garamazdan, araplara-da, kürtlere-de ýer berlenok.
Eýran režimi millet diskriminasiýasyny edýändigi bilenem çäklrnmän, başga mezheplere uýýanlary-da basyş astyna alyp, olaryñ ybadat etme hukuklaryny azat ýagdaýda berjaý etmeklerine päsgelçilik döredýär.
Meseläniñ geñ ýeri, režim ýurduñ ady bilen bile tutulýan Eýran sözüniñ yzyna Yslam sözüni tirkändigine garamazdan, Eýran Yslam Respublikasynyñ adyna mynasyp däl görnüşde öz jemgyýetçilik komponentlerine garşy milletparazçlykly we dinparazçylykly diskriminasion syýasatyny ýöreýär.
Eýran režimi jynsparazdyr, hatda ol 1990-njy ýylda soñlanan Günorta Afrikadaky aparteid režimindenem beter jynsparazdyr.
Eýran režimi elini ýüzüne tutup gizlenäýjek bolýar. Bulam Homeýniniñ öñki gullukçylarynyñ hötjetlik bilen dowam etdirýän ýalñyş syýasatlary sebäpli režimiñ dünýäniñ öñünde elmydama paş we masgara bolmagyna getirýär.
Homeýniniñ öñki gullukçylarynyñ birnäçesi Dini lideri «Welaýaty-Fakih» we homeýniçi pozisiýadan gyşaran ýagdaýynda wezipeden boşatmaga ygtyýarly Kanun çykaryjy Geñeşi bilen bilen birlikde şindizem ýurduñ gözegçiligini elinde saklaýar.
Eýran režimi sebitde uruşlara we bulaşyklyk döretmäge harçlanýan ummasyz baýlygyndan mahrum edilen mertebeli eýran halkynyñ merhumlaryna-da režimiñ bähbidi üçin zulum etmekden gaýtmaýan «Besic», RG, «Welaýaty-Fakih» režiminiñ gullukçylarynyñ diýdimzorlugy sebäpli eýran halkynyñ we etniki azlyklarynyñ başdan geçirýän kösençli hakykatyny görmezlige salma syýasatyny dowam etdirdigiçe bela-beterlere uçrar durar.

Jibril UBEÝDI,
Liwiýaly derňeýji-žurnalist.

Sişenbe, 27.09.2022 ý. Publisisistika